# Jynlaryñ ynsanlara täsiri barmy? Jynlardan nädip goranmaly?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

Şeýh Muhammed bin Salih el-Useýminden soradylar:

Sorag: Jynlaryñ ynsanlara täsiri barmy? Jynlardan nädip goranmaly?

Jogap: Jynlaryñ ynsanlara öldürip biljek derejedäki zyýanly täsirleri bardyr. Ynsanlara käwagt daş zyñyp ezýet ederler. Käwagt gorkuzarlar we Sünnetde habar berilen başgada zatlary edip bilerler. Hakykatda bolup geçýän wakalar hem muny görkezýär. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) söweşleriñ birinde, sahabalaryndan birine öýüne, maşgalasynyñ ýanyna gitmäge rugsat berýär. Ol sahaba täze öýlenen ýaş juwandy. Öýüne gelende, aýalyny gapynyñ öñünde duranyny gördi. Bu ýagdaýy halamady. Aýaly oña öýe gir diýdi: Öýe girende bolsa, düşegiñ üstünde towlanyp ýatan ýylany gördi. Ýanynda naýza bardy we ol naýzany ýylana sanjyp öldürdi. Ýylany öldürip durka özi hem öldi. Haýsynyñ birinji ölenlig ýagny ýylanmy ýa-da ol kişimi belli däldi. Haçanda bu habar Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ýetende, O öýdäki ýylanlary öldürmegi gadagan etdi we diñe ýylanyñ guýruksyz we iki çyzgyly bolanlaryny öldürmäge rugsat berdi.[1]

Bu hem jynlaryñ ynsanlara topulyp we hakykatda-da görülişi ýaly ynsanlara zyýan berdigine delildir. Mysal üçin şuña meñzeş wakalar köpdir we dürli ynsanlardan eşidilýändir: Bir kişi harabanyñ ýanyndan geçende, ol ýerde hiç kim ýok bolsada, ony yzly-yzyna daşlarlar. Käwagt agajyñ şakyrdaýyşy ýaly ýa-da ynsany birahat edýän dürli sesler eşidiler. Käwagt bolsa, jyn ynsana aşyk bolanlygy üçin ýa-da ezýet etmek üçin ýa-da başga bir sebäpden ynsanyñ bedenine girip biler.

Kuran-Kerimdäki şu aýat munyñ delilidir: **“Süýthorlykdan gazanyp iýenler, kyýamat güni göýä şeýtan (jyn) uran ýaly bolup ýerinden turarlar.”** (Bakara: 275)

Bu ýagdaýda jyn ol kişä içinden gürläp biler ýa-da (ony jynlany açmak üçin) Kuran okaýan kişi bilen gürleşip biler. Käwagt jyn (jynlana) Kuran okaýan kişä, ol bedene girmejegine söz berip biler. Halkyñ içine buña meñzeş wakalar kändir. Jynlaryñ şerinden goranmak üçin sünnetde geçen Aýetel kürsi ýaly özüni olardan gorajak zatlary okamalydyr. Çünki bir kişi gije ýatmazyndan öñ Aýetel kürsi okasa, Allah Tagala tarapyndan hemişe goragçy beriler, daña çenli şeýtan oña ýakynlaşyp bilmez. Allah goragçydyr.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede, ähli-beýtine we ashabyna salat we salam bolsun.

Şeýh Muhammed bin Salih el-Useýmin / Fetawa Erkanil-Isläm.

*1-Buhari, Kitabul-Bed'ul-Halk, Babu Haýru Mäli'l-Muslim Ganemun /3331.*